# Eli egrä

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Eli egrä ELI EGRÄ

Eseriñ öwgä mynasyp,
Iblise çokunypsyñ!..
Siñe bakdym, añdym señ del
Mülke aýak sekeniñ.
Oljañ bezäp goşgyñy:
Ýöne, haýp, çekinipsiñ:
Bölüp-büçmän hemmesini,
Alaýmaly ekeniñ!

II.

Her egniñde bir ylham:
Onuñ biri edebiýat!
Her egniñde bir ylham:
Onuñ birem – plagiat!

Biri seniñ sogabyñ –
Adalatly dogrulyk:
Birem seniñ günähiñ –
Ol ysnatly ogrulyk!

Ol ylhamlañ haýsyna
Bagly borka kysmatyñ?
Ol kemallañ haýsyna
Gol bererkä hyzmatyñ?..

Pähim – ýardyr her zada!..
Gadymdan gelýän kada:
Dogruluk hak,
Galplyk nähak!
Hakykata – ak ýol!
Nähaka – ýok ýol!